

# Magtymguly

## — Gündogaryň beýik akyldary

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY
TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

# «MAGTYMGULY – GÜNDOGARYŇ BEÝIK AKYLDARY»

atly ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany
2024-nji ýylyň 8-nji fewraly

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

II. Nar, [na:r] at, k.d. Ot, ataş. Bu köplenç ýagdaýda nusgawy edebiýatyň dilinde ýygy-ýygydan ulanylyp, ol ot düşünjesini bermek üçin ateş, nar ýaly sözleriň üsti bilen beýan edilýär.

Pany jahan şirin jany ýandyran,
Nar üstüne ataşyny indiren.

**Tylla BABAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

## MAGTYMGULYNYŇ ESERLERINDE SÖZLEÝIŞ EDEBINIŇ NUSGALARY

Öz döwrüniň janly halk gepleşiginden ähli inçeligi bilen örän gowy baş çykaran Magtymguly öz şygyrlarynda dil serişdeleriniň dürli görnüşlerinden ýerlikli peýdalanypdyr. Magtymgulynyň goşgularynda ulanylan sözleýiş edebiniň görnüşleriniň içinde ýüzlenmek, öwüt-nesihat etmek, dileg-haýyş etmek ýaly görnüşleri has köpräk gabat gelýär. Şahyryň ulanan sözleýiş edebiniň ady agzalan görnüşleriniň üstünde durup geçeliň.

1. Ýüzlenme bilen bagly sözleýiş edebiniň galyplary. Ýüzlenme sözleriniň ençeme görnüşleri şahyryň şygyrlarynda giňden ulanylypdyr. Olaryň içinde gardaş, dost, oglan, dildarym, perim ýaly jyns atlardan bolan ýüzlenmegi aňladýan sözler-de, anyk şahslara ýüzlenmegi aňladýan has atlardan bolan sözler-de duşýar:

Asla seni görmemişem, dildarym!

Ýaranlar, gerdişi-çarhyň elinden,
Bu meniň ýüregim para-paradyr.

Magtymgulynyň goşgularynda ulanylýan ýüzlenmegi aňladýan sözleriň içinde dini häsiýetli ýüzlenmeler köp duş gelýär. Şahyryň ýaşap geçen döwrüni we şol döwrüň durmuş ýagdaýyny göz öňünde tutsaň, bu hili ýüzlenmeleriň beýleki ýüzlenme görnüşlerine garanyňda köp ulanylmagy tebigydyr. Mysal üçin:

Eý, Hudaý-a, gudratyňdan;
Ýokdan bar eýlediň meni...

Senden medet ýetişmese, ýa Jepbar,
Bu beladan baş gutarmak haçan bar?

2. Öwüt-nesihat etmek bilen bagly ulanylýan sözleýiş edebiniň görnüş... Şahyryň goşgularynda ulanylan sözleýiş edebiniň bu görnüşleriniň köpüsi nak... ra we atalar sözlerine meňzeş berlipdir. Şahyryň şygyrlarynda duş gelýän bu ... malar ikinji şahsyň birlik sanynda getirilse-de, anyk bir şahsa däl-de, köp... gönükdirilendir. Mysal üçin:

Saglygyň gadryn bilgil, hasta bolmazdan burun.

Dostuňy saklama, nepden galmasyn,
Duşmanyň saklama, syryň bilmesin.

**Osmanberdi GURBANGELDI...**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkm... dünýä dilleri institutynyň uly mug...*

## MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ULANYLÝAN SUW BILEN BAGLANYŞYKLY MANYDAŞ SÖZLER

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň eserlerinde gidronimler ... Olary aşakdaky mysallar bilen subut etmek mümkin:

ab – suw bolmak, eremek, suwa dönmek, ýasama sözüň bir bölegi bolup ... de, aby-rowan – aryk, akar, akaba sözlerine, abytowpuk – deňizde, derýada ... gaý-tupan;

bahr – deňiz, derýa, umman;

bulak, çeşme – ýerden , daşlaryň, gaýalaryň arasyndan syzyp çykyp, ... akýan suw, gözbaş;

bulut, ebir – alabaharyň buludy, ýerden seredeniňde garamtyl ýa-da ag... reňkli bolup görünýän, belli bir belentlikde toplanýan asmandaky suw bugla...

baran, doly – güýçli ýagýan ýagyş, ýagmyr, jala, çabga;

derýa, nähir – tebigy suratda hemişe akyp duran suw, bol suwly, gaty ul... leri öz içine alyp bilýän suw käni;

daşgyn, köleg, möwç – joşgun, tolkun, gom;

girdab, burgun – derýada suwuň towlanyp akýan, çuň ýeri, göçme ma... güýçli akýan suwuň hatarly, howply ýeri;

jurga, nem, damja – az mukdardaky suw, ýagyş, çyglyk, owurt suw;

kenar, lebap – gyra, eňrek, ýaka, oý, deňziň, derýanyň gyrasy, suw ke... suwuň gyrasy;

saka, serap – derýanyň, ýabyň suwunyň bölünýän ýeri, saka we şuňa ... zeşler.